# Bu jennetdir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bu jennetdir BU JENNETDIR

*Sazanda Ýagmyr Nurgeldiýewiň ýagty ýadygärligine*

Ajap mukamlar döretdiň,
Naýbaşysy “Bu jennetdir”.
Tamdyranyň sazy gudrat,
Bahasy çäksiz gymmatdyr.

Ýürek mähriň gara-gara,
Diýen etdirdiň dutara
Göwünler gark boldy nura,
Olam ile bir döwletdir.

“Hajygolak” ýa “Ýandymy”
Diňlänleň bolmaz gandymy.
Säher saza oýandymy –
Ynsan üçin bu lezzetdir.

Saz ýaryşy şeýle: “kow–gaç”,
Göwnüň galkar, bolar dyzmaç.
Kim halkyna etse hyzmat –
Muhammede çyn ymmatdyr.

Halan ynsany Hudaýyň,
Ýatlanar durar her daýym.
Ýagmyr aga, seniň jaýyň,
Iň bir mukaddes kümmetdir.

---

*Goşgy şu aşakdaky gazetlerde çap edildi:*

1. “Adalat” gazeti, 27 fewral 1998 ý.
2. ”Türkmenistan” gazeti, 15 aprel 1998 ý.
3. “Edebiýat we sungat” gazeti, 14 fewral 2020 ý. Goşgular